# Ýar gara gözli

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýar gara gözli ÝAR GARA GÖZLI



Senden şirin saz bolmaz,
Senden süýji söz bolmaz,
Senden gowy ýar bolmaz,
Ýar gara gözli.
Saz bolsañ şirin-şirin,

Ýar bolsañ, söýüşerin,
Men şirin sözleşerin,
Ýar gara gözli.

Yşga düşüp, eşdeli
Ussat çalsa dutary.
Kirpikleriñ neşderi
Kylar gamy duw-dagyn.
Sen türkmeniñ eşreti,
Ýar gara gözli.

* * *

Hakykaty gömdüler.
Dikligine gömdüler –
Bir metr aşak,
Bir ýyldan çykypdyr
Kellesin gaşap.

Hakykaty gömdüler.
On metr çuñlukda –
Ýene dikligine
Hakykat on ýyldan
Çykypdyr ýene.

Hakykaty gömdüler.
Dikligine gömdüler –
Ýüz metr teýde,
Hakykat ýüz ýyldan
Bolupdyr peýda…

Bu işde ýetmezlik bilinmän durmy,
Ýatyryp gömseler boljakdy kemsiz.
Ah, ýöne hakykat şeýle bir keçjal,
Ony nä, ýatyryp, gömüp bolýarmy?!

* * *

Otur, gardaş, otur, gel, oturaly,

Gel, söhbet edeli agzymyz ýumup.
Dilin ýetirmesin eşegataly,
”Ýañralar ýene-de başlady” diýip.

Otur, gardaş, otur, gel oturaly,
Gök asmana garap, otur-da dym sen.
Gel, biz şu ykbaly dymyp utaly,
Ýek-tük bogaz bulutlaram ýagmasyn.

Goý, bulutlar ýagsyn, barysy birden,
Sary sährañ kepän dodagy gansyn.
Gök maýsalar çyksyn horlanan ýerden,
Goý, bulutlar bölek-bölek ýagmasyn.

Otur, gardaş, otur, gel, ýol keseli,
Gel, söhbet edeli gybaty zyñyp.
Biz bu ýüregmizi gizläp nädeli,
Iru-giç çykar ol gursakdan dömüp.

* * *

Ogurlyk eden uýalmaz,
Ogurlyk eden ulalar.
Ulalansoñ ogurlamaz,
Onsoñ ol ogurlyk bolmaz.
Ogurlyk etmez ulular,
Ogurlyk eden ulalar.

Onsoñ olar ogry bolmaz,
Eger ogurlasalar,
Onsoñ ol ogurlyk bolmaz.
Ulular ogurlasa.

Eger üstüne barsalar,
Üstüne baran uýalar.
Ogurlyk eden uýalmaz.
Ogurlyk eden ulalar.
Ogurlyk eden uýalmaz,
Uýalan ogurlyk etmez.

Uýalandan ogry bolmaz.
Ogurlamasa ulalmaz.
Ogurlyk eden ulalar.
Ogurlyk etmez ulular.

Bapba GÖKLEŇ. Goşgular